# Niýetiñ ýoldaşyñ bolsun! / gysga hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Niýetiñ ýoldaşyñ bolsun! / gysga hekaýa NIÝETIÑ ÝOLDAŞYÑ BOLSUN!



Sylap Gurbangylyjowiçiň wezipesinden aýrylanyna (has takygy—boşadylanyna) ýedi-sekiz aý geçendir. Ol bu döwüriň içinde haşal ot basyp giden mellegini arassalap, dersläp ýorunja sepdi; jaynyň içini-daşyny düýpli abadanlaşdyrdy; Mekge-Medinä umra gidip geldi. «Öýde bikär oturyp, içimi hümledip oturmaýyn-la» diýip, bir kiçeňräk edara ýönekeý işgär bolup işe girdi. Bu täze işiniň gulluk ulagy bolmasa-da, işe hususy maşyny bilen gatnasa-da, öýündäkiler onuň dygysyz kellagyrydan dynanyna begendiler.
Günleriň bir güni Sylap Gurbangylyjowiç maşgalasy bilen çaý başynda oturan ýerinden telewizordan çykýan tanyş sese nazaryny öwürip:
—Eje, anha meni işden aýyran adam!—diýip, ejesine ýüzlenip, elini telewizora tarap salgady.
Ogultuwak gelneje «hyk-çoklap» ýerinden galkyp, telewizoryň

alkymyna bardy-da, çykyş edip oturana ýüzlenýär:
–Niýetiň ýoldaşyň bolsun!
Üç-dört aý geçensoň, ýaňky ministiriň işde goýberen kemçilikleri üçin wezipesinden boşadylanlygy barada metbugatda habar berdiler.
© Kakajan BALKANOW. Hekaýalar